# Saña duşalym bäri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Saña duşalym bäri SAŇA DUŞALYM BÄRI



Saňa duşalym bäri,
Bilbilem men, gülüm ýok.
Saňa duşalym bäri,
Aglamadyk günüm ýok.
Asmandan nur ýagady,
Gara bulut dagady.
Ýitirip men takady,
Saňa duşalym bäri.

Eziz gördüm adyňy,
Kalpda ýakan oduňy.
Eşitmediň dadymy,
Saňa duşalym bäri.

Diýme maňa diwana,
Waspyň geldi zybana.

Geldim, a gyz, amana,
Saňa duşalym bäri.

Ykbalym sen, halym sen,
Jigerimde janym sen.
Söýgüli aýalym sen,
Saňa duşalym bäri.

18.04.2011 ý. Goşgular